# Çingiz han -39: romanyň dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çingiz han -39: romanyň dowamy IKINJI KITAP




MONGOL GAMÇYSY ASTYNDA
BIRINJI BÖLÜM: HOREZMIŇ ÜSTÜNDE HARASAT GOPDY

Birinji bap: ÝARAGYNY TAŞLANLARYŇ DAT GÜNÜNE!

*Ýa-ha biz duşmanyň kellesini daşa urup pytradarys, ýa-da olar*

*bizi şäher diwarlaryndan asarlar.*
***(Gadymy pars goşgusyndan)***

Mongol goşunynda Çingiz han tarapyndan bellenilen tertip bardy. Her bir atly onlukda, müňlükde öz ornuny bilýärdi, müňlerçe urşujy uly-uly otrýadlara ýygnalýardy, otrýadlar goşunlaryň sag ýa-da çep ganatynyň baştutanlygyndan, kämahal bolsa, mongol kaganynyň özünden ýörite buýruklar alýan serkerdelere boýun egýärdiler.
Baý, köp adamly Buhara şäheriniň hemme böleklerine we köçelerine mongol atlylary dessine at salyp gitdiler. Olaryň ýanynda Buharaly töwellaçy gojalar we ozal mongol ilinde söwda eden täjir dilmaçlar bardy. Ol dilmaçlar, gorkularyna öýden çykman oturan adamlara şäheriň täze häkimleriniň buýruklaryny jar edýärdiler, köçeleriň çatryklarynda bolsa, tertibe seredýän «garawullar»1 peýda boldy.
Şäheriň mongol häkimi Tahyr han baş metjitde mekan tutdy. Çingiz hanyň buýrugyna görä, şol ýere Buhara ýaşululary çagyryldy. Olar şäheriň baý adamlarynyň hemmesiniň atlaryny ýazyp berdiler, ozal Horezm şanyň goşunlary üçin taýynlanan zatlaryň gizlin skladlaryny hem-de gymmat bahaly harytly hususy skladlary görkezdiler.
Her dürli zatlar ýüklenen düýeler, atlar we arabalar şäheriň ähli künjeklerinden baş meýdana gelip ugrady. Gözi gorkan ilat halta-halta däne, top-top mata, geýim, haly, gymmat bahaly gaplar we başga dürli önümler getirýärdi. Şu zatlaryň hemmesi metjitlere getirilip basylýardy hem-de şu emlägiň hemmesini üçden biri mongol häkimi Çingiz han üçin bölünip goýulýardy.
Işe ýaraýan adamlaryň hemmesi boýun egmez Ygtyýar Goşlynyň girip içinden gulplan içerki galasynyň töweregindäki çuň garymy gömmäge iberildi. Ygtyýar Goşly öz urşujylary bilen bilelikde duşmana boýun egmezligi we iň soňky demine çenli söweşmegi ýüregine düwdi. Galany goraýjylaryň arasynda başga hanlar-da bardy, şolaryň arasynda Çingiz handan gaçyp, Horezm şanyň hyzmatyna geçen mongol Gurhan pälwan hem bardy.
Müňlerçe ýaş we garry buharalylaryň işläp, çuň garymy toprak we nawlar bilen gömüşlerine mongollar seredip durdular, olary

gyssaýardylar. Aradan iki gün geçenden soň eýýäm galanyň belent diwarlarynyň ýanyna barar ýaly boldy, galanyň diwarlarynyň üstünde bolsa galany goraýjy ýaragly adamlar bardy.

– Biz-ä öz işimizi dessine ýerine ýetirdik. Göreli bakaly, şu belent diwarlara mongollar nädip çykarlarka? – diýip, buharalylar gürrüňleşýärdiler.

Mongollaryň buýrugy boýunça, Buharanyň agaç ussalary köp sanly uzyn-uzyn merdiwanlar ýasadylar, Şol wagt mongollar märekäniň üstüne topulyp, adamlary gamçylamaga başladylar.

– Nämä garaşýarsyňyz? Nämä seredip dursuňyz? Merdiwanlary söýäň-de diwarlaryň üstüne çykyberiň.

Buharalylaryň biri-de diwarlaryň golaýyna baryp bilmeýärdi, ýokardan kerpiç ýagyp durýardy we gyzgyn suw, garaýag dökülip durýardy.

Emma mongollar hanjarlaryny syrdylar-da aýak dikip duran buharalylary atyň öňüne salyp, kowup ugradylar we ahyrda birehimlik bilen olaryň kellesinden hanjar salyp ugradylar. Buharalylar ellerini daldalap, öňe eňdiler. Mongollar hanjarlamaklaryny dowam etdirip, adamlaryň barmaklaryny we bileklerini çapyşdyrýardylar.

Dilmaçlar märekäni diwara dyrmaşdyrjak bolup töwella edýärdiler.

Buharalylardan käbirleri:

– Diwara dyrmaşsak-da biziňki ölüm, duran ýerimizde dursak-da ölüm! Galadaky öz urşujylarymyzyň ýanyna dyrmaşalyň. Belki, olaryň bize rehimi gelip, uruşmaklaryny bes ederler! – diýip, gygyrdylar.

Buharalylar merdiwanlary diwarlara söýediler-de:

– Bizem siz ýaly musulman! Ýaragyňyzy goýun-da boýun egiň! – diýen gykylyk bilen ýokary çykmaga başladylar.

Ýokardaky urşujylar dyrmaşyp gelýänleri golaý goýberip, soňundan olary daş we naw bilen ýykyp goýberýärdiler, merdiwanlary agdarýardylar.

– Size gorkak it diýerler! Yzyňyza öwrüliň-de mongollary urun! Görüň ahyryn, biz şehit bolup ölýäris, emma duşmana boýun egmeýäris! Duşmana boýun egmäň! – diýip, ýokardakylar jogap

berýärdiler.
Diwaryň üstünde duran mongol pälwany Gurhan ýokardan agyr-agyr daşlary inderip duran ýerinden:
– Näme üçin mongollar bu boýun egiji goýunlaryň arkasynda bukulýarlar? Goý, ilki olar öz batyrlygyny görkezsinler! Ajy ýüzli garry, çypar köpek, çagahor Çingiz han nirede bukuldy? – diýip gygyrýardy.
Gurhan şemşir bilen gazaply söweşýärdi, şemşir döwülende bolsa, paltaly söweşdi, tä mongollaryň ýaý oklary onuň içinden geçýänçä, dyrmaşyp gelýänleri agdaryp durdy.
Onýança mongollar hytaýlaryň daş zyňyjy maşynlaryny süýräp getirdiler. Olar galanyň içine garaýagly letde saralgy, ýanyp duran uly-uly ýaý oklaryny we ot beriji küýzejikleri taşlaýardylar. Galanyň içinde ýangynlar döredi.
Içerki galanyň gabawy on iki güne çekdi. Ahyrsoňy galany goraýjylaryň hemmesini diýen ýaly gyryp, mongollar galanyň içine döküldiler we ýaraty bolup, endam-jany ýanyp, ölmän galan az sanly adamy tutdular. Içerki galany bary-ýogy dört ýüz adamyň Goranlygyny bilip, mongollar agyzlaryny açdylar. Olar janlaryny pida etdiler, emma duşmana boýun egmediler.
Eger-de şäheriň ähli ilaty şäheriň belent, berk diwarlarynda şonuň ýaly gaýratly söweşen bolsalar, onda mongollar gadymy Buharany ýarym ýylda-da alyp bilmezdiler, bir ýylda-da alyp bilmezdiler, buharalylar bolsa, bu aýylganç kysmata duşmazdylar, olar öz elleri bilen şeýle elhenç kysmata sataşdylar.
Buhara şäheriniň ilaty berip bilen zatlaryny mongollara getirip, metjitleri dolduranlaryndan soň bolsa:
«Bütin ilat ähli emlägini öýde goýup, geýiminden başga hiç bir zat alman, aýallar we çagalar bilen bilelikde şäherden meýdana çykmaly» diýen täze höküm çykdy.
Dilmaçlar ilata şeýle düşündirýärdiler:
– Hiç zady gaýgy etmäň, hemme ýerde saklaw durýar. Siziň emlägiňiz durşy ýaly galar. Ilata dogry salgyt salmak üçin ilatyň hemmesini täzeden sanap, täzeden ýazmakdan ötri ilat şäherden çykarylýar. Hökümi ýerine ýetirmän, şäherde galan adamlar bolsa, görlen ýerinde öldüriljekdir.

Buharalylar ertir ir bilen topar tutuşyp, şäherden çykyp ugradylar. Atalar çagalarynyň elinden tutup, aýallar bäbeklerini göterip gidip barýardylar, öýlerinden telim ýyllap daşary çykmadyk, güýçden gaçan garrylar-da biri-birine hemaýat berip, pyşdyllap ugradylar.
Mongol atlylary köçelerde tabyrdaşyp ýördüler, gapylary kakyp:
– Derhal! Hoşhal! (häziriň özünde, tizräk çykyň!) – diýip, gygyrýardylar.
Ilat on bir derwezeden çykýardy we şäheriň gyra-töweregindäki meýdanda ýerleşýärdi. Sakçylar hiç kimi yzyna goýberenokdy.
«Buharaýy şerifde» nähili köp adam ýaşaýandygy şol wagt aýdyň boldy – buharalylar mongollardan iki-üç esse köp ekeni.
Mongollar ilki dilmaçlar bilen bilelikde ilatyň arasyna aýlanyp, kimiň senetçidigini we kimiň nähili hünäriniň bardygyny sorap çykdylar. Şonuň ýaly ökde senetçileri olar gapdala çykardylar. Soňra ýigit we güýçli erkek adamlary saýlap aldylar we olaryň daşyna atlylar aýlandy.
Ahyrda mongollar owadan aýallary, gyzlary we çagalary saýlap, olary märekeden çykarmaga başladylar. Şundan soň olar öz mähriban adamlaryndan jyda düşýändiklerine, özi-de hemişelik jyda düşýändiklerine düşündiler. Yzan-da çuwan bolup, zarynlap gözýaş dökmäge başladylar.
Gassaplaryň molaşyp duran sygyrlary ýa-da zaryn mäleşip duran dowarlary bazardan biperwaý sürüp, saýgylap, sallahhana taýaklap alyp gaýdyşy ýaly, Buharanyň täze eýeleri-de aýak dikip duranlary gamçy bilen saýgylaýardylar, olaryň boýnuna ýüp atyp, ata tirkäp, märekeden süýräp çykarýardylar.
Mongollardan gorkulaýşy hiç bir zadyň çaky däldi, buharalylar olara hatda garşylyk hem görkezmediler.
Käbir ärler we atalar öz gyzynyň ýa-da aýalynyň tozanyň içi bilen süýrelip barýanyny görüp, içiniň ýangynyna durup bilmän, öz mähriban adamyny gutarjak bolup, olara tarap okdurylýardy. Emma mongollar olary atlaryna basgyladýardylar ýa-da demir tommaýly taýak bilen kellesine urup, şol ýeriň özünde serreldýärdiler.
Şäherden kowlup çykarylan buharalylaryň arasynda uzak ýyllary medreselerde geçirip, özleriniň köp bilimlerini şägirtlere

öwreden alymlar-da bardy. Şonuň ýaly iki sany alym märekäniň arasynda ozal görlüp-eşidilmedik zorluklary görüp, ah çekişip durdular. Olardan biri:
— Bu butparazlar metjitleri talaýarlar, parasatly kitaplary atlaryna depeledýärler. Olar ýaş çagalary ogurlaýarlar, depeleýärler, gyzlary atalarynyň gözüniň öňünde zorlaýarlar. Heý-de muňa çydamak bolarmy? — diýip gygyrdy.
Ikinjisi, şäherde iň tanymal Rukneddin Ymam Zada:
— Sesiňi çykarma! Allanyň gazabynyň hazan ýeli öwüsýär! Ýeliň ygyna gidip barýan sypal geplemeli däldir! — diýip jogap berdi.
Ýöne welin goja Rukneddin özüniň göwrümi giňligini we boýun egijiligini uzak wagtlap saklap bilmedi. Mongollaryň aýallara nähili zalymlyk edýändiklerini görüp, Rukneddin we onuň ogly aýallaryň arkasyny çaldylar, olary şol ýeriň özünde mongollar öldürdiler. Başga-da birentek adam şeýle boldy. öz maşgalalarynyň masgara edilişini görüp, olary gorajak bolup topulýardylar we mongollaryň elinden şol bada ölüp gidýärdiler.
Ol elhenç gün boldy, ol gün diňe haýkylyk, jan berýänleriň iňňildisi, öz atalaryndan, ärlerinden we doganlaryndan hemişelik aýra düşýän aýallaryň, çaga-çugalaryň agysy eşidilýärdi. Erkek adamlar olara çigit ýaly kömek bererden güýçsüzdiler we şahyryň: «Kim hanjaryň gara sapyny elinde berk saklamak islemese, onuň ýiti tygy onuň özüne gezeler» diýen sözleri ýada düşýärdi.
Mongollar ilatsyz gugaryp ýatan köçelere gaýdyp geldiler. Olar öýlere dagap, özleriniň talap alan zatlaryny atlaryna ýükläp ýörkäler şäher birden ähli tarapdan ot aldy. Ýalyn we gara tüsse gadymy Buharanyň ýokarsynda al-asmana galyp, günüň öňüni tutdy, Jaýlar agaçdan we palçykdan salnan ýeňiljek ymaratlardy, şol sebäpli şäher dessine ullakan bir oda öwrüldi. Diňe baş metjit we kerpiçden salnan käbir köşkleriň diwarlary ýykylman galdy.
Mongollar öz talap alan zatlaryny taşlap, möwç alyp barýan otdan heder edip, şäherden çykyp gaçdylar. Soňra bu şäher köp ýyllaryň dowamynda şar-gara harabaçylyk bolup, diňe baýguşlara

we şagallara mesgen boldy.

---

1 «Garawul» sözi mongollaryň «harau» ýa-da «haragu» diýen sözünden gelip çykypdyr, manysy – garaw, saklaw. Taryhy proza